# Pygamberimiziñ keşbi, ahlagy we edebi: Edermenligi

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pygamberimiziñ keşbi, ahlagy we edebi: Edermenligi
PYGAMBERIMIZIÑ KEŞBI, AHLAGY WE EDEBI

▶ **EDERMENLIGI**

Pygamberimiz häsiýeti ýumşak bolsa-da gaýratly, edermen, gahryman kişidi. Her hili hadysalar ýüze çykanda Onuñ özüni alyp barşy muña janly şaýatdyr.
Mekge döwründe yslama çagyryşynu bes etdirjek bolup, Ol akyla sygmajak kynçylyklara sezewar edilýärdi. Emma ol bu kynçylyklardan heder etmän, Allasyny sygynyp, saýlap alan ýolundan edermenlik bilen ýöräpdi. Gorkuzjak bolup edilen hereketler, atylýan haýbatlar, özlerne çekmek üçin hödürlenen baýlyklar Onuñ sabyr-kanagatyny, gaýratyny, gahrymançylygyny azajyk-da egsebilmändi. Ol ýoluna tiken dökülip, arkasyna palan atylanda-da özüne baýlyk, hökümdarlyk we her hili maddy eşretler hödürlenende-de saýlap alan ýolundan asla dönmändi. Bu zatlar onuñ ýoluny zerre ýaljagam üýtgedip bilmändi. Ol Alla, yslam ýolunda alyp baran söweşinde özüni hakyky mert ýigit edip görkezipdi.
Hezreti Alu (r.a) şeýle gürrüñ berýär:
– Söweşlerde hezreti pygamber ýaly duşman bilen ýakalaşyp bilen adam ýokdy. Söweş gyzyşyp, üstümize howp abanan wagty biz Resuly Kerime arkalanardyk.
Hezreti Enes (r.a) hem:
– Başymyza howp abananda Allanyñ Resuly bizi gorardy. Resulalla ynsanlaryñ iñ gowsudy, iñ jomardydy, iñ gaýratlysydy. Bir gije Medinäniñ ilaty bir ses eşidip, ondan gaty gorkupdyr. Olar ses gelen tarapa gidipdirler. Pygamberimiz bolsa sahabalary gorkuzan bu sesi eşiden badyna gylyjyny eline alyp, Ebu Talhanyñ ýalañaç atyna atlanýar-da,

Medinä aýlanyp, ýagdaýy bilýär. Bir haýukdan soňra Resulalla boýny gylyçly Ebu Talhanyň atyna münüp, gaýdyp gelýärkä, yza galan Medinäniň ilatyna duş gelýär. Olara:

– Näme dowla düşüp ýörsüňiz? Gorkara zat ýok – diýip, howsala düşen ilaty köşeşdirendigini gürrüň berýär.[1]

Uhud söweşiniň birinji ýarymynda pygamberimiziň söweş taktikasy bilen ýeňiş gazandyk, doly ýeňiş gazanylmanka, esgerler olja toplamaga başladylar, ýeriňizden butnamaň diýlip tabşyrylan okçular hem olja gyzyp gidipdirler. Şol wagt hem duşmanyň atly goşuny arka tarapdan çozdy, şeýlelikde, musulmanlar iki oduň arasynda galdylar. Şol söweşde 70 musulman şehit bolan bolsa-da, pygamberimiz ýolbaşçylygy elde saklap, sowukganlylyk bilen yslam goşunyny öz töweregine toplady. Garşylyk görkezip, goranmak bilen duşman goşunyny duruzdy, ýeňdi, soňundan hem Mekgä tarap kowup, olary birnäçe günläp yzarlady. Pygamberimiz şeýle bir gahrymanlyk hem-de edermenlik görkezdi welin, duşman goşuny täzeden ýene söweşe girişmäge ýürek edip bilmedi.

Hewezin jeňinde yslam goşuny Huneýn köprüsine ýetende, duşman mergenleriniň hüjümine sezewar bolupdy. Yslam goşuny bu garaşylmadyk ýagdaýdan çykalga gözleýärdi. Şol wagt hem pygamberimiz sarsmaz gala ýaly bolup durdy hem-de söweş meýdanyndan ýekeje ädim hem yza çekilmedi, gaýtam atyny duşmanyň üstüne sürüp, yslam esgerlerine-de:

– Nirä gaçýaňyz? Men Allanyň Resuly, Abdylmutallybyň agtygy, Abdyllanyň ogly Muhammet! – diýip gygyryp, goşuny togtadyp, ýeňiş gazanmagy başardy. Bu urşy görenlerden biri soň şeýle gürrüň berýär:

«Men şaýat, pygamberimiz bir ädim hem yza çekilmedi. Söweş ot ýaly çabyran mahaly hemmämiz Resuly Kerimiň töwereginw toplandyk. Onuň bilen deň durmagy hem biz uly bir edermenlik saýýardyk».

Terjime edenler:
Ýalkapberdi MYRATGELDI,
Baky ANNADURDYÝEW. Pedagogika we edep-terbiýe